Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2025-nji ýylyň «15» awgustynda
1896 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

“Türkmenistanyň çäginde sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmegiň tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2025-nji ýylyň 7-nji iýulynda çykaran 297-Ö belgili buýrugy

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2025-nji ýylyň 07-nji iýulynda çykaran 297-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

## Türkmenistanyň çäginde sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmegiň tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň çäginde sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmegiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 31-nji bendine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanyň çäginde sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertipde ulanylýan esasy düşünjeler:

1) sportuň görnüşi – meşgullanylýan ýeri, ulanylýan sport öwselesi (gorag serişdelerini hasaba almazdan) we enjamy, sport ýaryşynyň kadalary onuň tapawutlandyryjy alamatlary bolan sportuň düzüm bölegi;

2) sport ugry – tapawutlandyryjy alamatlary bolan we sport ýaryşlarynyň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini (maksatnamalaryny) öz içine alýan sportuň görnüşiniň bir bölegi;

3) sportuň görnüşleriniň döwlet sanawy – Türkmenistanyň çäginde sportuň ösdürilýän (kämilleşdirilýän) görnüşleri we sport ugurlary hakynda kagyz we elektron göterijilerde bellenilen maglumatlary özünde saklaýan maglumat ulgamy.

3. Türkmenistanyň çäginde sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti (mundan beýläk - Komitet) tarapyndan şu Tertibe laýyklykda amala aşyrylýar. Türkmenistanyň çäginde sportuň ykrar edilen täze görnüşleri we sport ugurlary Komitet tarapyndan Sportuň görnüşleriniň döwlet sanawyna (mundan beýläk – Döwlet sanawy) girizilýär. Döwlet sanawy Komitet tarapyndan taýýarlanylýar, tassyklanylýar we ýöredilýär.

Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň çempionatlary, birinjilikleri, kubok ýaryşlary we beýleki sport çäreleri Döwlet sanawyna girizilen sportuň görnüşleri we sport ugurlary boýunça amala aşyrylýar.

4. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmeklige sport ýaryşyny geçirmegiň düzgünnamasy, türgenleriň gatnaşmagy we bäsdeşlik esasynda ýaryşlaryň geçirilmegi, ýaryşda ulanylýan sport öwselesi (gorag serişdelerini hasaba almazdan) hem-de enjamlar esas bolup biler.

### II bap. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmeklige bildirilýän talaplar

5. Sportuň täze görnüşleri we/ýa-da sport ugurlary Türkmenistanda ykrar edilen sport görnüşlerinden we sport ugurlaryndan mazmun taýdan tapawutlanýan düzgünlerine, bäsleşik hereketleriniň görnüşlerine we olaryň bahalandyrylyş usullaryna, türgenleşik gurşawyna, ulanylýan sport öwselesi (gorag serişdelerini hasaba almazdan) we enjamlaryna görä tapawutly aýratynlyklara eýe bolmalydyr.

6. Sportuň täze görnüşleriniň ady sport ugurlaryndan başga ýagdaýlarda gysgaldylan görnüşde bolmaly däldir, bu at degişli görnüşiň mazmunyny we (ýa-da) düzgünleriniň mazmunyny görkezýän, Türkmenistanda ykrar edilen sport görnüşleriniň we sport ugurlarynyň atlaryndan tapawutly bolmalydyr.

7. Sportuň täze görnüşleri we/ýa-da sport ugurlary teatr, saz sungaty, sirk, estrada we kino sungaty ýaly ugurlarda ösdürilen iş görnüşleriniň düzümine girýän ýa-da olaryň bir bölegi bolan meňzeş hereketleriň, usullaryň, hereketleriň ýa-da maşklaryň bolmagyny aradan aýyrmalydyr.

8. Sportuň täze görnüşleri we/ýa-da sport ugurlary boýunça bäsleşikler geçirilende ýa-da oňa taýýarlyk görülende garşydaşa rehimsizlik görkezilmegine, tomaşaçylara hormatsyzlyk edilmegine, adam mertebesini we abraýyny kemsidýän islendik hereketlere, zorlugy we rehimsizligi wagyz edýän, jemgyýetçilik, milli, dini ýa-da başga bir aýratynlygy ýa-da çydamsyzlygy öňe sürýän islendik diskriminasiýa görnüşlerine ýol berilmezligi üpjün etmelidir.

## III bap. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek

9. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek şu aşakdaky taraplaryň ýüz tutmalary esasynda Komitet tarapyndan amala aşyrylýar:

1) sportuň milli görnüşleriniň hem-de harby-amaly, gulluk-amaly we tehniki görnüşleriniň düzümine girmeýän sportuň görnüşleriniň ykrar edilmegi üçin Türkmenistanda bedenterbiýäniň we sportuň subýektleriniň;

2) sportuň milli görnüşleriniň we olaryň sport ugurlarynyň ykrar edilmegi üçin bedenterbiýe we sport guramalarynyň, şeýle hem sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalarynyň;

3) sportuň harby-amaly, gulluk-amaly we tehniki görnüşleriniň hem-de olaryň sport ugurlarynyň ykrar edilmegi üçin ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň.

Eger-de, sportuň harby-amaly, gulluk-amaly we tehniki görnüşlerini ösdürmek babatynda ýolbaşçylyk iki we ondan köp bolan döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, onda sportuň görnüşini ykrar etmek meselesi bu edaralar bilen ylalaşylmalydyr.

10. Sportuň täze görnüşleriniň we sport ugurlarynyň ykrar edilmegi üçin şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen taraplar ýüz tutma hatyna şu aşakdaky resminamalary goşýarlar:

1) ykrar etmek boýunça ýüz tutulýan sportuň täze görnüşleriniň we sport ugurlarynyň Türkmenistanda we beýleki ýurtlarda ösüş derejesi baradaky maglumatlary, şol sportuň görnüşiniň halkara federasiýasy, şeýle hem halkara guramalary tarapyndan tassyklanylan düzgünleri baradaky maglumatlar;

2) ykrar etmek boýunça ýüz tutulýan sportuň täze görnüşleriniň we sport ugurlarynyň meýilnamasy, bu görnüşlerde ulanylýan sport öwselesi (gorag serişdelerini hasaba almazdan) we enjamlary baradaky gysgaça beýany;

3) ykrar etmek boýunça ýüz tutulýan sportuň täze görnüşleri we sport ugurlary boýunça ýaryşlaryň kadalarynyň taslamasy we/ýa-da degişli halkara sport federasiýasyndan ýaryş kadalarynyň göçürmesi.

11. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek hakyndaky ýüz tutma hatyna we oňa goşulan resminamalara Komitetiň degişli bölümi tarapyndan olaryň gelen gününden 7 (ýedi) iş gününiň dowamynda seredilýär hem-de Komitet tarapyndan döredilýän ýörite topara geçirilýär. Sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek boýunça Komitetde döredilýän Toparyň (mundan beýläk – Topar) düzümi Komitetiň başlygynyň buýrugy bilen tassyklanylýar we ol täk sandan ybarat bolup, onuň düzümine Toparyň başlygy, toparyň başlygynyň orunbasary, agzalary we Toparyň kätibi girýär.

Topar 10 (on) iş gününiň dowamynda sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek hakyndaky ýüz tutma hatyna we oňa goşulan resminamalara seredip, şu aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

1) sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek hakynda;

2) sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmekden ýüz döndermek hakynda.

Toparyň mejlisi Toparyň agzalarynyň umumy sanyndan 2/3 bölegi gatnaşan ýagdaýynda geçirilýär.

12. Topar tarapyndan sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmek hakynda oňyn çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, bu çözgüdiň kabul edilen gününden başlap, 2 (iki) iş gününiň dowamynda Komitet sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny Döwlet sanawyna girizýär. Şeýle hem, Komitet sportuň täze görnüşleriniň we sport ugurlarynyň Döwlet sanawyna girizilen gününden başlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen taraplara ýa-da onuň ygtyýarly wekillerine sportuň täze görnüşleriniň we sport ugurlarynyň ykrar edilendigini we olaryň Döwlet sanawyna girizilendigi barada hat üsti bilen resmi habar berýär.

13. Şu Tertibiň onunjy bölegine laýyklykda hödürlenilýän resminamalar doly däl, ondaky görkezilen maglumatlar nätakyk ýa-da galp bolan ýagdaýynda, Topar tarapyndan sportuň täze görnüşlerini we sport ugurlaryny ykrar etmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilýär hem-de bu barada çözgüdiň kabul edilen gününden başlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda Komitet tarapyndan şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen taraplara ýa-da olaryň ygtyýarly wekillerine habar berilýär.

Toparyň çözgüdi teswirnama bilen resmileşdirilýär.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

14. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.